Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№17 (166) 2026-njy ýylyň 20-nji iýuny



# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**12-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle-de hut öz adyndan Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putine we RF-niň Hökümetiniň Başlygy Mihail Mişustine hem-de ýurduň ähli halkyna Russiýanyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**12-nji iýunda** Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda Bilelikdäki türkmen-awstriýa toparynyň 13-nji mejlisi geçirildi. Oňa ýurdumyzyň döwlet düzümleriniň, işewür toparlarynyň wekilleri hem-de Awstriýa Respublikasynyň Ykdysadyýet, energetika we syýahatçylyk boýunça federal ministrliginiň Daşary ykdysady gatnaşyklar müdirliginiň başlygy Elizabet Waýssenbögiň ýolbaşçylygynda ýurdumyza sapar bilen gelen wekiliýetiň agzalary gatnaşdylar. Nobatdaky mejlisiň gün tertibine ozal gazanylan ylalaşyklary, hususan-da, geçen mejlislerde öňe sürlen teklipleri iş ýüzünde durmuşa geçirmek, sazlaşykly ösýän hyzmatdaşlygyň geljekki täze ugurlaryny kesgitlemek meseleleri girizildi.

***

**12-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

***

**14-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Trampa şanly 80 ýaş toýy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**15-nji iýunda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpine doglan güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**15-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpine doglan güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**15-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda hem-de sebitlerde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

***

**15-nji iýunda** Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow Ýaponiýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Sasaki Hiroşi bilen duşuşdy.

Duşuşygyň dowamynda taraplar türkmen–ýapon gatnaşyklarynyň yzygiderli ösdürilýändigini nygtap, özara gyzyklanma bildirilýän hyzmatdaşlygyň geljekki mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

***

**16-njy iýunda** Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Nurlan Nogaýewiň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda taraplar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegi bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

***

**17-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Islandiýa Respublikasynyň Prezidenti hanym Halla Tomasdottire Islandiýanyň milli baýramy — Respublikanyň jar edilen güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## TÄZELIKLER
## НОВОСТИ
## NEWS



### A TRAINING SESSION WITH AN ITALIAN REPRESENTATIVE

On June 11, 2026, a training session was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan with the participation of Domenico Palmieri, Secretary General of the Italian Institute for Asia (ISIA). Professors, faculty members and students of the Institute attended the event.

In his speech, Domenico Palmieri emphasized that Turkmen-Italian cooperation is actively developing not only in the economic and energy sectors, but also in the fields of science, education, culture and humanitarian spheres. The guest speaker detailed the core mission and activities of the Italian Institute for Asia (Istituto Italiano per l'Asia – ISIA). As a prestigious institution supported by government, ISIA plays a vital role in advancing political, economic, cultural and scientific relations between Italy and Asian nations, serving as an effective "bridge" between Europe and Asia. He also highlighted that the institute's specialists conduct comprehensive scientific research and strategic analysis on the geopolitical landscape of the Asian region, as well as international relations development and security issues.

At the end of the session, the students asked the honored guest questions of interest to them. The guest highly appreciated the institute's efforts in training future international specialists and wished the students success in their studies.

### УКРЕПЛЯЯ ДОБРОСОСЕДСТВО: ИНСТИТУТ ПОСЕТИЛА ДЕЛЕГАЦИЯ МОЛОДЫХ ИРАНСКИХ ДИПЛОМАТОВ

12 июня 2026 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана был организован ознакомительный визит делегации молодых дипломатов Министерства иностранных дел Исламской Республики Иран. В ходе визита зарубежные гости подробно ознакомились с повседневной деятельностью Национальной школы туркменской дипломатии, её учебными программами, а также с современными условиями и возможностями, созданными для качественного научно-образовательного роста будущих дипломатических кадров Туркменистана.

В рамках ознакомительной экскурсии по Институту гостям были представлены музей истории туркменской дипломатии, действующий при вузе клуб ЮНЕСКО «Культура мира», инновационная учебная телестудия, редакция электронной газеты «Голос молодого дипломата» института.

Особым и наиболее ярким моментом визита стала встреча иранских делегатов со студентами Института. Как известно, в нашем вузе традиционно уделяется огромное внимание мультиязычной подготовке. Наряду с глубоким освоением русского и английского языков,



составляющих основу профессионального обучения будущих международников, а также изучением немецкого, французского, китайского, японского и арабского языков, в Институте в качестве второго иностранного языка углубленно изучается персидский язык.

**«Голос молодого дипломата».**

# YLYMLY NESILLER — RÖWŞEN GELJEGIMIZ




Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ähli ulgamlary bilen bir hatarda ylym-bilim ulgamyny ýokary depginler bilen ösdürmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli we parasatly baştutanlygynda ylymyň we tehnologiýalaryň ösüşine, halkymyzyň aň-bilim derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, ylmyň, tehnikanyň we önümçiligiň bitewiliginiň üpjün edilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Türkmenistanyň ykdysady we durmuş ösüşi babatda dünýäniň iň ösen döwletlerine mahsus bolan sepgitlere çykmagyna gönükdirilen giň gerimli maksatnamalar we meýilnamalar düýpli ylmy esaslara daýanýar. Nebit-gaz, oba hojalyk, gurluşyk, energetika, dokma, ykdysadyýet, maliýe, bank toplumlaryna, söwda, ulag, aragatnaşyk, himiýa, medeniýet, ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk ulgamlaryna ylmyň we tehnologiýalaryň gazananlary ornaşdyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, ýylyň-ýylyna Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça bäsleşigiň geçirilmegi ýurdumyzda ylym ulgamynyň döwrebap derejede ösdürilmegine, türkmen ýaşlarynyň kämil bilimli, giň dünýägaraýyşly şahsyýetler bolup ýetişmegine mynasyp goşant goşýar.

Bäş müň ýyllyk şöhratly taryhynyň dowamynda milletimiz 70-den gowrak döwleti berkarar edipdir. Bu döwletleriň ählisinde hem ylma, bilime aýratyn sarpa goýlupdyr, alymlara ylym bilen meşgullanmak üçin ähli mümkinçilikler döredilipdir. Taryhy maglumatlara ýüzlensek, Seljuklar döwründe Alp Arslanyň, soňra Mälik şanyň weziri bolan Nyzam al-Mülküň tagallalary bilen açylan «Nyzamyýe» atly medreseler hereket edipdir. Şeýle ylym ojaklarynyň gurulmagyna şol döwürde döwlet tarapyndan uly goldaw berlipdir. Bu medreseleriň düzümine okuw otaglaryndan başga, umumy ýaşaýyş jaýy, kitaphana, dynç alyş otaglary, hammam, metjit, hassahana hem giripdir. Soltan Sanjaryň döwründe hem gülläp ösen Merw şäheriniň kitaphanalary uly meşhurlyk gazanypdyr.

Köneürgenç şäheri hem ylmyň ojagy hasaplanylypdyr. Bu ýerde dünýä belli alymlar zähmet çekipdirler. Alymlaryň pikirine görä, orta asyrlarda Gürgençde Atsyz, II Arslan, Soltan Tekeş ýaly ylma sarpa goýan hökümdarlaryň, Reşideddin Watwat, şeýh Nejmeddin Kubra, ymam Şyhabeddin al Hywaky ýaly akyldarlaryň hem kitaphanalary bolupdyr. Kitaphanalar, esasan, metjitdir medreselerde ýerleşipdir. Bu barada Gahryman Arkadagymyz «Türkmen medeniýeti» atly kitabynda: «Köneürgençde ylym-bilimiň ösüşine-de aýratyn ähmiýet berlip, bu ruhy-medeni ojak ady dünýä dolan akademiýalary, medreseleri, baý kitaphanalary bilen şöhratlanypdyr. Sahawatly toprakda beýik alymlar, şahyrlar, müneçjimler, pirler-danyşmentler ýaşap geçipdirler we dünýä belli eserlerini döredipdirler» diýip jaýdar belleýär.

Paýhasy müňýyllyklardan gözbaş alýan halkymyzda «Bir ýyl öňüňi görjek bolsaň, däne ýetişdir! On ýyl öňüňi görjek bolsaň, bag ýetişdir! Ýüz ýyl öňüňi görjek bolsaň, terbiýeli nesil ýetişdir» diýilýär. Bilimiň özeni hem terbiýe bilen berk baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda döwrüň talabyna laýyk, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, kämil bilimli nesli terbiýeläp ýetişdirmek bolsa Seljuk türkmenleriniň imperiýasy, Köneürgenç türkmen döwleti, Osman imperiýasy ýaly beýik jahanşalyklaryň mirasdüşeri bolan döwletimiziň ýaşlar baradaky syýasatynyň esasy ugrudyr. Häzirki wagtda «Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy» üstünlikli durmuşa geçirilip, bu ugurda alnyp barylýan döwlet işler özüniň miwelerini hem berýär. Şunuň bilen baglylykda, zehinli ýaşlary ylma, bilime, täze tehnologiýalar boýunça işlere höweslendirmek esasy wezipeleriň biridir.

Bilşimiz ýaly, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 12-nji iýunynda Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde ýurdumyzda her ýyl giňden bellenilýän Ylymlar güni mynasybetli Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça geçirilýän bäsleşigiň ýeňijilerine sylaglary gowşurmak dabarasy geçirildi. Bu bäsleşikde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň 1-nji ýyl talyby Allanur Şyhyýew 1-nji orna, Halkara arbitraž we işewürlik hukugy ugrunyň magistranty Babajan Rozybaýew 2-nji orna, Halkara gatnaşyklary fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Sahydöwlet Hümmetjumaýew bolsa 3-nji orna mynasyp boldular. Biz hem institutymyzyň talyp ýaşlaryny gazanan ýeňişleri bilen tüýs ýürekden gutlaýarys we olaryň üstünlikleriniň dowamly bolmagyny tüýs ýürekden arzuw edýäris.

Goý, ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynyň ösdürilmegi, ýaş nesilleriň kämil bilimli, päk ahlakly, giň dünýägaraýyşly şahsyýetler bolup ýetişmekleri üçin ägirt uly aladalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# Сотрудничество во имя зелёного будущего

5 июня 2026 года мне посчастливилось принять участие в экологической конференции «Сотрудничество во имя зелёного будущего», приуроченной ко Всемирному дню охраны окружающей среды. Данное мероприятие объединило представителей научного сообщества, образовательных учреждений, международных организаций, экологических объединений и молодёжи, заинтересованной в вопросах устойчивого развития и сохранения окружающей среды.

В настоящее время Туркменистан под руководством Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова последовательно реализует масштабные инициативы, направленные на обеспечение экологического благополучия, рациональное использование природных ресурсов и укрепление международного сотрудничества в природоохранной сфере. Наша страна активно поддерживает глобальные экологические процессы, вносит вклад в достижение Целей устойчивого развития и выступает за объединение усилий мирового сообщества в борьбе с современными экологическими вызовами.

В рамках мероприятия участники посетили выставку «Эко-шаги из прошлого в будущее», организованную на базе Туркменского государственного университета имени Махтумкули. Представленные экспозиции наглядно продемонстрировали достижения в области экологического просвещения, внедрения инновационных технологий и формирования бережного отношения к окружающей среде. Особое внимание было уделено инициативам, направленным на сохранение природного наследия и повышение экологической культуры общества.




Продолжением программы стала конференция «Сотрудничество во имя зелёного будущего», в ходе которой выступили представители Национальной комиссии Туркменистана по делам ЮНЕСКО, Программы развития ООН в Туркменистане, научных учреждений и молодые эксперты. В своих выступлениях участники подчеркнули важность экологического образования, сохранения биологического разнообразия, рационального природопользования и расширения международного взаимодействия в области охраны окружающей среды.

Для меня, как студента первого курса факультета международных экономических отношений Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана, участие в данном мероприятии стало важным и полезным опытом. Сегодня вопросы экологии тесно связаны с международными экономическими отношениями, энергетической безопасностью и устойчивым развитием государств. Именно поэтому экологическая проблематика занимает всё более значимое место в международной повестке и становится важным направлением современной дипломатии.

Особый интерес у меня вызвали выступления специалистов, посвящённые вопросам устойчивого развития и роли молодёжи в решении экологических задач. Полученная информация позволила глубже осознать значимость международного сотрудничества в преодолении глобальных экологических проблем и укрепила стремление к дальнейшему изучению данной тематики.

Участие в конференции оказалось особенно полезным и для моей научно-исследовательской деятельности. В настоящее время я работаю над исследованием, посвящённым использованию местных технических и животных масел в качестве накопителей тепловой энергии для систем солнечной энергетики. Данная работа направлена на поиск эффективных решений в области возобновляемой энергетики и рационального использования ресурсов. Поэтому обсуждение вопросов экологической устойчивости, энергосбережения и



внедрения инновационных технологий вызвало у меня особый профессиональный интерес.

Выступления участников конференции ещё раз подтвердили, что достижение экологического благополучия невозможно без развития науки, внедрения современных технологий и активного международного сотрудничества. В этом процессе важная роль принадлежит молодому поколению, которому предстоит принимать участие в формировании устойчивого будущего.

Уверен, что проведение подобных мероприятий способствует развитию экологической культуры молодёжи, укреплению научного потенциала страны и продвижению международных инициатив Туркменистана в сфере охраны окружающей среды. Полученные знания и впечатления станут дополнительным стимулом для моего дальнейшего профессионального и научного развития.

**Алланур ШЫХЫЕВ,**
студент 1-го курса факультета международных экономических отношений.

16-njy iýunda Daşkent şäherinde Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary A. Gurbanow «Merkezi Aziýa — Koreýa Respublikasy» sammitine taýýarlyk görmek boýunça ýokary wezipeli wekilleriniň maslahatyna gatnaşdy.

# MAHMYT ZAMAHŞARYNYŇ DÜNÝÄGARAÝŞYNDA YLYM DÜŞÜNJESINIŇ EDEBI-PELSEPEWI MANY JÄHTLERI

«Ylym» sözi juda giň manyda ulanylýan söz. Bu söz «bilim», «sowat» sözleri bilen manydaş bolmak bilen bir hatarda, onuň bir özi ulanylanda «açmak», «ýüze çykarmak», «netijä gelmek» ýaly manylary aňlatsa, ylmy adalgalar bilen ulanylanda (meselem, ylmy-nahuw – sintaksis, ylmy-mantyk – logika) şol adalgalaryň hususylygyny ýüze çykarmaga, netijeliligini aýdyňlaşdyrmaga gatnaşýan düşünje hökmünde kabul edilýär. Biz bu ýerde görnükli Gündogar alymy, «Horezmde edebiýatyň Käbesi» diýlip atlandyrylan Mahmyt Zamahşarynyň ylym düşünjesine garaýyşlary dogrusynda gysgaça durmak isleýäris. Alymyň «Diwanynda» şeýle mesnewi setirleri bar:



*Gije dünýä hyjabyny ýapansoň,*
*Göze çawuş çakyp başlaýar onsoň.*

*Soňra göz-gabagyň başlaýar bürlüp,*
*Uky perde tutýar, göze örtülip.*

*Daşy-içi tümlük bolsa ynsanyň,*
*Gaflat ukusynda galdygy onuň.*

Alym şahyr bu ýerde ylymsyzlygy gijä, tümlüge deňeýär. Ýa-da ylymsyz nadan kişiniň dünýäsini tümlüge barabarlaýar. Habarsyz ýa-da bisowat bolmak alymyň dünýägaraýşynda gaflat ukusynda galmakdyr. Bilmezlik, ýagny nadanlyk derdi iň uly dertdir. Nadanlyk tümünde galmak, nadan bolmak ynsanlygyň asyl mazmunyndan çykmaklykdyr. Ynsan tümlük bolsa, ylym — bu şugladyr, otdur, daň şöhlesidir. Ynsan diňe akyly, ylmy bilen ynsandyr:

*Içiňde ot ýansa, sowular tümlük,*
*Daň şöhlesi öçüp gitmez ömürlik.*

Adam nämäniň ýagşydygyna, nämäniň ýamandygyna, ak bilen garanyň, haýyr bilen şeriň tapawudyna diňe ylmyň üsti bilen akyl ýetirýär. Şu nukdaýnazardan seredeniňde, ynsan ylymsyz bigymmatdyr. Ynsany ynsan edýän, onuň barlygyny manylaşdyrýan, onuň şahsyýetini kemala getirýän, ebedileşdirýän hem geljegini röwşenleşdirýän gural — bu ylymdyr. Ylym — bu şugla saçmakdyr. Şugla saçmak, töweregiňi ýagtyltmak üçin bolsa öňi bilen ylym ody bilen ýanmak zerurdyr. Şugla saçmak, ýagtyltmak sahylykdyr, ýagny ynsansöýer bolmakdyr. Kalbyň söýgi bilen püre-pürlügi sahylyk bilen, sahylyk bolsa ylym bilen barlygyny emele getirýändir. Ylym — bu hakykaty bilmek hem ondan gorkmakdyr. Bu duýgynyň kämilligi ynsany pespällik bahryna sataşdyrýar. Ylmyň kämilligi — pespällik dürüniň ýitiligi, ümsümlik çyragynyň ýagtylygy.

Hawa, ylym öwrenmeklikden maksat mertebe ýa mal toplamak bolmaly däldir. Ylym bilen, hikmet bilen mal hyrsy bir ýere sygyşmaýar.

*Ylmy mertebeli bolmak üçin däl,*
*Dünýä ýaýmak üçin öwreniň her hal.*

Mahmyt Zamahşary özüniň «Ýagşyzadalaryň bahary» atly eseriniň elli dokuzynjy babyny tutuşlygyna ylym düşünjesiniň many jähtlerini açyp görkezmeklige bagyşlaýar. Onda şeýle diýilýär: «...Ylym ýalňyzlykda ýoldaşdyr. Mysapyrlykda dostdur. Ýalňyz çagyň syrdaşdyr. Gizlin zatlara delildir. Darlykda kömekçidir. Dostlaryň ýanynda bezegdir. Duşmanlara garşy ýaragdyr. ...Ylym kalplary nadanlykdan halas eden nur, gözleri garaňkylykdan halas eden aýdyňlykdyr. Bedenleri ejizlikden halas eden güýçdür».

Ylym hikmetdir, pentdir, nesihatdyr, görelde hem ybratdyr. Ylym öwrenmek diýmek kitap atly ummandan dür çöplemek diýmekdir. Hikmet kalplary arassalaýan päklik suwudyr. Kalp bolsa gündelik arassalanmagy zerur bolan gözgüdir. Ynsan soňky demine çenli ylym öwrenmäge borçludyr. Ylym, hikmet — kalbyň dirilik suwy. Mahmyt Zamahşary «Ýagşyzadalaryň bahary» eserinde hikmet hakynda alymlaryň şeýle sözlerini getirýär: «...Hikmet möminiň ýiten malydyr. Eger ol müşrügiň (butparazyň) agzynda hem bolsa alsyn. ...Hikmet satylmaz, diňe gowy diňläne berler. ...Akylyň kuwwaty hikmetde we ylymdadyr. ...Hikmet özüni öwrenen adama agraslyk gazandyrar. ...Hikmet belent bir merdiwandyr. ...Dünýäde bendä berlen zatlaryň iň rüstemi hikmetdir.

Alymyň dünýägaraýşynda islendik ýaşda bolsa bolsun, islendik şertde, ýagdaýda bolsun, ýa-da ahlaga ters gelýän ýaranjaňlyk etmek ýoly bilen bolsa-da ylym öwrenmelidir. Onuň dünýägaraýşy boýunça ylym, amal hem yhlas bir bitewülikdir. Amalsyz ylmyň netijesiz bolşy ýaly, ylymsyz ýa-da yhlassyz amal hem boşunadyr.

Ylym çirksizligi talap edýär. Öwredilýän ylmyň gaýtargysyna garaşmaklyk hebesdir. Ylym malyň gapma-garşylygydyr, sebäbi ylym paýlandygyça artar, mal bolsa azalar.

Ylym — hakykat gözlügi. Biz bu gözlügi edinmän, hakykat gapysyny tapyp ýa ony çalyp bilmeris.

Ylym kalbyň jümmüşinde ýatan dürdür. Ol dür gündelik tämizlenip durulmalydyr. Eger üç günläp kalbyňa gözden ýa gulakdan ylym akmasa, ol dürüň şuglasy öçmek bilen bolar. Ylym kalbyň ýagtylygydyr, ynsanyň mylaýymlygydyr hem mähribanlygydyr. Mahmyt Zamahşary ýene-de şeýle sözleri getirýär: «Ulamalar ynsanlaryň baharydyr. Eger olary bir garyp görse, özüni baý ýaly duýar, eger olary syrkaw görse, özüni sag ýaly duýar».

Ylym datly miwedir, pespällikdir, agraslykdyr, derejedir. Ylym ummandyr. Düýpsüz, soňsuz umman. Röwşenlik, ýagtylyk ummany, beýiklik, ägirtlik ummany. Biziň bu sözümiz beýik alym Mahmyt Zamahşarynyň ylym ummanynyň teswiri hakyndaky parasatly pikirlerinden bir katradyr. Alym bizi ylym ummanynda küreklemäge çagyrýar.

**Baýramnur GURBANNAZAROW,**
Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Türkmen edebiýaty kafedrasynyň mugallymy.

# ТОРЖЕСТВЕННОЕ МЕРОПРИЯТИЕ ДЛЯ СТУДЕНТОВ-ВЫПУСКНИКОВ

13 июня 2026 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась торжественная церемония, посвящённая выпускникам. В мероприятии приняли участие профессорско-преподавательский состав и студенты национальной школы туркменской дипломатии, а также родители выпускников.

В ходе церемонии профессора, преподаватели и дипломаты-наставники выступили с поздравительными речами, пожелав выпускникам успехов и больших достижений на жизненном пути. Тёплые слова благодарности, прозвучавшие от родителей выпускников, произвели приятное впечатление на всех присутствующих.

Следует отметить, что в текущем учебном году 18 выпускников успешно завершили обучение с отличием. В рамках церемонии выпускники, окончившие институт с отличием, а также проявившие активность в общественно-политической, культурной и массовой деятельности, были награждены Почётными грамотами.

Особую атмосферу мероприятию придал показ видеоматериалов, посвящённых студенческим годам выпускников, вызвавший искренние эмоции и тёплые воспоминания.

Как известно, в настоящее время под мудрым руководством уважаемого Президента Туркменистана в сфере науки и образования последовательно реализуются масштабные реформы. Особого внимания заслуживает принятие «Стратегии развития высшего профессионального образования в Туркменистане на 2026–2052 годы». Одной из ключевых задач Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана является подготовка высококвалифицированных специалистов, способных успешно реализовывать миролюбивую внешнюю политику страны и вносить достойный вклад в развитие различных отраслей экономики государства. В этом контексте состоявшаяся церемония вручения дипломов стала значимым событием в жизни института.



Торжественное мероприятие сопровождалось яркими музыкальными выступлениями. Известные артисты и деятели искусства страны, а также участники творческих и музыкальных коллективов института исполнили песни, воспевающие Родину, Национального Лидера туркменского народа Героя Аркадага и Президента Туркменистана Аркадаглы Героя Сердара. В ходе церемонии были высказаны слова благодарности Национальному Лидеру и уважаемому Президенту за инициативы общечеловеческого значения, укрепление международного авторитета страны и создание всех необходимых условий для подготовки высококвалифицированных специалистов-международников, обладающих глубокими знаниями и широким мировоззрением.

**«Голос молодого дипломата».**

17 — 19-njy iýunda Sankt-Peterburg şäherinde Türkmenistanyň Bilim ministri J.Gurbangeldiýewiň ýolbaşçylygyndaky Türkmenistanyň wekiliýeti Medeni gatnaşyklary pugtalandyrmak we döredijilik hem-de kreatiw industriýalaryny ösdürmek boýunça halkara maslahata gatnaşdy.

# MÜDIMI ÝOLDAŞ

Häzirki sanly ulgamyň ösýän döwründe maglumatlaryň tiz wagtda elýeterli bolmagyna garamazdan, kitaplaryň durmuşymyzdaky orny we ähmiýeti hiç haçan peselmeýär. Kitaplar diňe bir kagyzdan we syýadan ybarat bolman, eýsem, olar adamzat paýhasynyň, medeniýetiniň we taryhynyň egsilmez hazynasydyr. Geliň, kitaplaryň şahsyýetimize we jemgyýete ýetirýän düýpli täsirlerine ser salalyň.

Kitap okamak, beýnimiziň işjeňligini artdyrýan iň gowy maşklaryň biridir. Kitap okanymyzda:

Söz baýlygymyz artýar. Dürli kitaplary okamak biziň sözlük ätiýajymyzy giňeldýär we öz pikirlerimizi has dogry we çeper beýan etmäge mümkinçilik berýär. Çylşyrymly temalary we gahrymanlaryň hereketlerini seljermek ukybyny ösdürýär.



Okyjy wakalaryň arasyndaky baglanyşygy tapmaga, ýazyjynyň maksadyna düşünmäge we öz garaýşyny kemala getirmäge mejbur bolýar. Kitabyň içindäki uly maglumat akymyna ünsi jemlemek, häzirki çalt depgindäki durmuşda wajyp bolan ünsi jemleme ukybymyzy güýçlendirýär.

Kitaplar bize özümizden başga dünýälere aýlanyp syýahat etmäge, özge ýurtlaryň özboluşlylygy bilen tanyşmaga, başga adamlaryň duýgularyny we tejribelerini öwrenmäge mümkinçilik berýär. Romanlardaky dürli gahrymanlaryň durmuşy bilen tanyşmak, olaryň ýagdaýlaryna düşünmäge we duýgudaşlyk etmäge iterýär. Bu bolsa hakyky durmuşdaky adamlar bilen gatnaşyklarymyzy gowulandyrýar.

Gowy kitap günüň aladalaryndan dynmak üçin iň oňat serişdedir. Okamak beýnidäki dartgynlylygy gowşadýar we ruhy taýdan dynç almaga ýardam edýär. Kitaplar şahsy ösüşden daşgary, jemgyýetçilik ösüşi üçin hem esasy serişdedir.

Ylymy işler, taryhy çeşmeler we filosofik eserler — bularyň ählisi kitabyň üsti bilen nesilden-nesle geçýär we medeni mirasy goraýar. Köp sanly syýasy we sosial hereketlere, täze filosofiýalara kitaplar binýat bolup hyzmat edendir. Kitaplar adamlaryň düşünjelerini ösdürip, uly özgertmelere ýol açyp bilýär.

Gysgaça aýdylanda, kitaplar diňe bir maglumat bermeýär, eýsem, olar biziň şahsyýetimizi kemala getirýär. Olar bizi has akylly, dünýä has giň düşünýän ynsanlar edip ýetişdirýärler. Kitap okamak üçin her gün ýüz minudy ýa-da ýarym sagady sarp etmek — bu öz geljegiňize goýan gymmatly maýaňyzdyr.

Geliň kitaplaryň täsirini, gymmatyny hiç wagt ýatdan çykarman, olaryň sahypalaryny açyp, adamzat paýhasynyň çuňlugyna aralaşmagymyzy dowam edeliň!

**Aýnur BAÝJIÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

# Çüýşedäki daşlar

***Bu ýazgyda aýdylan hekaýa hakykydyr we Kellog Biznes mekdebinde (Norswestern uniwersiteti) Iş dolandyrylyşy hünäriniň talyplary we «Wagtyň ýöredilişi» atly dersiniň professorynyň arasynda bolup geçen sapak baradadyr.***

Professor synpa girip garşysynda duran dünýäniň iň seçilen talyplarynyň ýüzüne biraz göz aýlanyndan soňra, «Bu gün «Wagtyň ýöredilişi» diýen temadan tejribe bilen garyşyk bir synag ederis» diýdi.

Mugallym ýanynda duran kürsä golaýlaşdy-da, onuň aşagyndan bir çüýşe çykardy. Soňra bolsa kürsiniň aşagyndan birgiden ýumruk ýaly daşlary çykaryp, olary çüýşäniň içine üns bilen ýerlemäge başlady. Çüýşäniň içiniň dolandygyna doly gözi ýeteninden soň, talyplara tarap öwrülip «Siziň pikiriňizçe bu çüýşe doldumy?» diýdi.

Talyplaryňam ählisi biragyzdan «Hawa» diýip jogap berdiler. Professor: «Şeýlemi?» diýdi-de, kürsiniň aşagyna eglip, bir bedre çagyl daşlaryny çykardy. Çagyl daşlaryny bolsa ýaňky çüýşäniň agzyndan ýuwaş-ýuwaşdan guýdy. Soňra-da çüýşäni silkişdirip çagyl daşlaryny gowuja edip ýerleşdirdi we talyplara tarap öwrülip ýene bir gezek: «Siziň pikiriňizçe bu çüýşe doldumy?» diýip, sorady. Bir talyp: «Doly däl bolmaly», diýip gümansyrabrak jogap berdi. Professor: «Dogry» diýdi we ýene kürsüniň aşagyna eglip, bir bedre gum alyp ony ýuwaşlyk bilen çüýşäniň üstünden çagyl daşlarynyň arasyna gowy dolýança guýdy. Professor talyplara tarap öwrülip, ýene bir gezek: «Siziň pikiriňizçe bu çüýşe doldumy?» diýip, gaýtalap sorady.

Synpdakylaň ählisi biragyzdan «Ýok» diýip jogap berdiler. Professor:

— Hmm...ajaýyp — diýdi-de, kürsüniň aşagyna ýene-de bir küýze suw aldy. Ony çüýşe dolýança guýdy. Soňra-da talyplara öwrüldi-de:

— Bu tejribäň maksady näme? — diýip, talyplara sorag berdi.

Bir talyp derrew:

— Wagtymyz näçe doly görünse-de, ýene köpeldip, ýer açyp biljek mümkinçiligimiz bar — diýip, bada-bat jogap berdi. Professor:




— Ýok — diýip, jogap berdi we düşündirmäge durdy. Bu tejribäniň size aýtmak isleýän zady, eger-de uly daşlary başdan ýerleşdirmeseňiz, kiçi daşlar salnandan soň, ululary hiç haçan çüýşäniň içine salyp bilmersiňiz diýlen hakykatdyr.

Talyplar geň galyjylyk bilen biri-birlerine bakyşyp otyrkalar, professor ýene-de sözüni dowam etdi:

— Durmuşymyzdaky uly daşlar näme? Çagalaryňyz, ýanýoldaşyňyz, söýýän adamlaryňyz, dostlaryňyz, bilimiňiz, arzuwlaryňyz, saglygyňyz, bir eser döretmek, başga adamlara peýdaly bolmak, olara nähilidir bir zatlary öwretmek! Uly daşlaryňyz belki-de, bulardan biri, ikisi, ýa-da şularyň ählisi — diýdi.

Şu gün gije ýatmankaňyz düýpli pikirleniň. Siz üçin uly daşlar haýsy? Muny hiç haçan unutmaň, uly daşlar çüýşä mydama ilki ýerleşdirilmeli. Sebäbi olary täzeden salyp bolanok, eger şeýle bolsa siz özüňize, işleýän ýeriňize hem-de Watanyňyza gerekli adam bolarsyňyz.

**Türk dilinden terjime eden**
**Bike ANNAÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

# PULUŇ DÖREÝIŞ TARYHY

Pul ykdysady ulgamda möhüm kategoriýa bolup, onuň ýüze çykmagy bilen jemgyýetdäki ykdysady gatnaşyklary tertipleşdirmek mümkin boldy. Pul diňe bir alyş-çalyş guraly bolman, eýsem, önümçilik bilen bagly gatnaşyklaryň ösdürilmegine hem güýçli täsir edýän serişdedir.

Puluň ýüze çykmagy, ilkinji nobatda, jemgyýetiň ösüşi we ykdysady gatnaşyklaryň giňelmegi bilen baglanyşyklydyr. Natural hojalygyň ornuny haryt önümçiligi alanda, haryt öndürijiler öz öndürýän önümlerini başga harytlara çalyşmaga başladylar. Şeýle ýagdaýda öndürijiler ykdysady taýdan özbaşdak hereket edýän subýektlere öwrülip, öndürilen önümleriň belli bir eýeleri hökmünde çykyş etdiler. Ilkidurmuş jemgyýetiniň başlangyç döwründe adamlar tarapyndan öndürilen önümler diňe öz zerurlyklaryny üpjün etmek üçin ulanylýardy. Wagtyň geçmegi bilen önümçilik kämilleşip, zähmet öndürijiligi ýokarlandy we önümleriň mukdary artdy. Şeýle ösüş dürli harytlaryň öndürilmegine we olaryň alyş-çalşygynyň ýüze çykmagyna şert döretdi.

Puluň peýda bolmagy alyş-çalyş gatnaşyklaryny ep-esli ýeňilleşdirdi. Bu ýagdaýda alyş-çalyş iki aýratyn prosese bölünýär: harydy satmak we başga harydy satyn almak. Şeýlelikde, pul diňe alyş-çalyş aralyk serişdesi bolman, eýsem, ykdysady gatnaşyklarda özbaşdak hereket edýän möhüm serişdä öwrülýär. Şeýle mümkinçilik puluň diňe alyş-çalyş serişdesi bolman, eýsem, maýa toplamak, karz gatnaşyklaryny amala aşyrmak ýaly ykdysady proseslerde hem ulanylmagyna ýol açýar. Taryhy ösüşde puluň dürli görnüşleri ýüze çykdy. Ilkibaşda metallardan taýýarlanan pullar giňden ulanyldy. Soňra bolsa kagyz pullar dolanyşyga girizildi. Wagtyň geçmegi bilen altyn üpjünçiligine esaslanýan pul ulgamy hem üýtgedi we häzirki wagtda kagyz we elektron görnüşindäki pullar ykdysady gatnaşyklaryň esasy guralyna öwrüldi.

Puluň gelip çykyşy baradaky ykdysady pikirlerde dürli nazaryýetler bar. Olaryň arasynda rasionalistik we ewolýusion garaýyşlar aýratyn orun eýeleýär. Rasionalistik nazaryýet puluny adamlaryň arasynda özara ylalaşygyň netijesinde döredilendigini öňe sürýär. Bu pikir gadymy grek filosofy Aristotel tarapyndan beýan edilipdir. Ewolýusion nazaryýete görä bolsa pul jemgyýetiň ykdysady ösüşiniň tebigy netijesi hökmünde ýüze çykýar. Bu garaýşyň tarapdarlary haryt alyş-çalşygynyň giňelmegi bilen jemgyýetde aýratyn bir harydyň ählumumy ekwiwalent hökmünde saýlanyp çykandygyny öňe sürýärler.

Pul häzirki ykdysady ulgamda möhüm orny eýeleýär. Ol haryt öndürijiler bilen sarp edijileriň arasynda ykdysady gatnaşyklary üpjün edýär. Elektron töleg ulgamlarynyň ösmegi puluň hereketiniň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyna sebäp boldy. Netijede, pul ykdysady gatnaşyklaryň möhüm guraly bolup, onuň ýüze çykmagy jemgyýetiň ykdysady ösüşiniň möhüm basgançagy hökmünde çykyş edýär.

**Kakageldi AKMYRADOW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.

# Zenanlar barada nakyllar

Börä ýok diýme, gelniň bar, ogra ýok diýme, ogluň bar.

***

Akylly dostuny öwer, kemakyl — aýalyny, samsyk — özüni.

***

At gylygyndan iýmini artdyr, gyz gylygyndan — sepini.

***

Enesini gör-de gyzyny al, gyrasyny gör-de bi:zini.

***

Enesi öwen gyzdan gaç, ýeňňesi öwene gujak aç.

***

Aýalyň emelsiz bolsa, iňňä özüň sapak ötirsiň.

***

Enemde bolsa dilärin, aýamda bolsa ýalaryn.

***

Ene gezer, gyz gezer, garyp öýün kim düzer.

***

Akylly gelin öý diker, akmak gelin öý ýykar.

***

Gyz gapysy — şa gapysy, müňi geler, biri alar.

***

Enesini sekize satar, guzusyny dokuza alar.

**Toplan: Merjen ORAZDURDYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby.

18-nji iýunda Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahim resmi sapar bilen Türkmenistana geldi. Aşgabat şäheriniň Halkara howa menzilinde belent mertebeli myhmany resmi adamlar garşyladylar.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

Baş redaktoryň orunbasarlary: A.Ýazweliýew, Y.Hallyýew.
Jogapkär kätip: O.Çaryýarowa.
Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Begenjow.
Bölüm müdiri: B.Baýhanow.
Edebi işgärler: Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjiýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.
Korrektorlar: O.Geldiýewa, S.Çaryýew.
Fotohabarçy: T.Gurbandurdyýew.

Redaksion geňeşiň agzalary:
P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, B.Gylyçmyradow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, D.Ballyýewa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com